**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**TÜRKMENISTANYŇ**
**OBA HOJALYK MINISTRLIGI**

**TÜRKMENISTANYŇ SUW HOJALYGY BARADAKY DÖWLET KOMITETI**

# SUW SERIŞDELERI BOÝUNÇA OKUW MEÝILNAMASY

**Aşgabat-2023**

**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**TÜRKMENISTANYŇ**
**OBA HOJALYK MINISTRLIGI**

**TÜRKMENISTANYŇ SUW HOJALYGY BARADAKY DÖWLET KOMITETI**

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy
tarapyndan
TASSYKLANAN ______202__ýyl

# SUW SERIŞDELERI BOÝUNÇA OKUW MEÝILNAMASY

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullygy akademiýasynyň diňleýjileri, suw hojalygy hünärleri boýunça okaýan ýokary okuw mekdepleriň talyplary we hünärini kämilleşdirýän döwlet gullukçylary üçin

***Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlendi***

**Aşgabat-2023**

UOK 628+631.6

**Suw serişdeleri.** Okuw meýilnamasy. Aşgabat,2023 ý.

**Okuw meýilnamasyny düzüjiler:**

-
-

© Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullygy akademiýasy

Okuw meýilnamasy Suw serişdeleri dersi bilen bagly bolan esasy düşünjeleri öz içine alýar. Suw serişdeleri dersini öwrenmek üçin niýetlenen Okuw meýilnamasy häzirki zamanyň bildirýän talaplaryna laýyklykda düzülen. Okuw meýilnamasyna girizilen bölümleri Türkmenistanyň Suw kodeksi, Oba we suw hojalygynyň esasy ösüş ugurlary görkezilen "Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy", Türkmenistanda Bilim, ylym, saglygy goraýyş, sport we arhiw ulgamlaryny ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasy, Türkmenistanyň ykdysadyýetiň sanly ulgamyny ösdürmek boýunça 2019-2025 ýyllar üçin Konsepsiýasy esasynda beýan etmek meýilleşdirilen.

Okuw meýilnamasy Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullygy akademiýasynyň diňleýjileri, suw hojalygy hünärleri boýunça okaýan ýokary okuw mekdepleriň talyplary we hünärini kämilleşdirýän döwlet gullukçylary üçin niýetlenen.

**Jogapkär redaktor:** I. Saparlyýew – S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen Oba hojalyk uniwersitetiniň Gidrotehniki desgalar kafedrasynyň müdiri, t.y.k., professor.

**Syn ýazanlar:** Nobatow S. – Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komitetiniň “Türkmensuwylymtaslama” institutynyň Baş inženeri.
Taganow Ç.H. – Türkmen Döwlet binägärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy, t.y.k.

**Ulanmaga:** Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet kömitetiniň “Türkmensuwylymtaslama” inistitutynyň Tehniki bölüminiň hünärmenleriniň, Ylmy-barlag bölüminiň “Gidrotehnika we suw ulanyş” hem-de “Suwaryş we ýerleriň meliorasiýasy” laboratoriýasynyň ylmy işgarleriniň bilelikdäki ýygnagy (8-nji beýan, 28.08.2023 ý.), şeýle hem S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen Oba hojalyk uniwersitetiniň Okuw-usuly topary (__-nji beýan, ______2023 ý.) tarapyndan hödürlendi.

Aşgabat-2023

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäňöňünde.

G a ý t a l a m a:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip, gorar şanymyz.

G a ý t a l a m a:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# I. DÜŞÜNDIRIŞ ÝAZGYSY

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe, Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda, ýurdumyzyň suw serişdeleriniň ählisini durmuş-ykdysady we ekologiki maksatlar üçin netijeli ulanylmagyny üpjün etmek ugrunda degişli işler yzygiderli alnyp barylýar. Bu, durmuş-ykdysady we ekologiýa häsiýetli birnäçe ählumumy wezipeler bilen häsiýetlendirilýän çemeleşmäniň ähmiýeti häzirki döwürde has uly bolup durýar. Goýulan meseleleri ylmy esasda çözmek üçin Suw serişdelerini toplumlaýyn dolandyrmak boýunça hünärmenleri taýýarlamagyň bilim standartlary hem kämilleşdirilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullygy akademiýasynyň diňleýjileri, suw hojalygy hünärleri boýunça okaýan ýokary okuw mekdepleriň talyplary we hünärini kämilleşdirýän döwlet gullukçylary üçin niýetlenen Okuw meýilnamalary ösen dünýä ýurtlaryň tejribelerini ulanmak esasynda kämilleşdirilýär. Okuw meýilnamalaryny kämilleşdirmek meselelerinde dünýä ýüzünde howa şertleriniň üýtgemeleri netijesinde suw serişdeleriniň azalmagyna garaşylýan wagtynda bu hadysalara uýgunlaşma çärelerini meýilleşdirmek ugurlaryna esasy üns berilýär. Dünýä ýüzünde howa şertleriniň üýtgemeleri häzirki zamanda adamzadyň öňünde duran we durnukly ösüşe päsgel berjek möhüm meseleleriniň biridir.

Biziň ýurdumyz howanyň üýtgemeleri bolup geçýän şertlerinde durnukly ösüş ugurlaryny strategiýa resminamalaryna we döwlet dolandyryş tejribelerine ornaşdyrmakda halkara tejribelerine esaslanýar. Bu tejribelere laýyklykda durnukly ösüşe ýetmek üçin biziň ýurdumyzda ulanylmaly esasy gurallarynyň biri “Suw serişdelerini toplumlaýyn dolandyrmak” (SSTD) bolup durýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 23-nji iýunyndaky rarary esasynda Howanyň üýtgemegi baradaky Türkmenistanyň Milli strategiýasy kabul edildi. Milli strategiýada howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak üçin birinji ädimleriň biri hökmünde “Suw serişdelerini toplumlaýyn dolandyrmak” uguryna geçmek bellenen. Milli strategiýada bu ugurlar boýunça halkara hyzmatdaşlyklary alyp barmak göz öňünde tutulýar. Halkara çäreleri “Suw serişdelerini toplumlaýyn dolandyrmak” boýunça gepleşikleri geçirmek we niýet etmek uguryndan suw hojalyk pudagynda amaly çäreleri bilelikde geçirmäne ugur alýar.

Ilat sanynyň köpelmegi we howanyň üýtgemegi bilen birlikde ýyl-ýyldan suw serişdelerini netijeli we aýawly ulanmaklyga talaby güýçlendirýär. Şonuň bilen baglylykda, ýurdumyzda suw gorlaryny ygtybarly goramak we aýawly ulanmak boýunça utgaşykly çäreleriň geçirilmegine, esasan hem Merkezi Aziýa döwletleriň serhetüsti derýalary boýunça uly üns berilýär. Bu hereketler halkara kanunçylyk esaslaryny güýçlendirmek, biziň ýyrdumyzda suw hojalygyny dünýä tejribesi esasynda alyp barmak, şeýle hem ýaş hünärmenleri taýýarlamak işlerini kämilleşdirilmegini talap edýär.

Suw serişdelerini toplumlaýyn dolandyrmak uguryny Okuw meýilnamalaryna girizmek we suw ulanyjylary dünýä tejribeleri bilen tanyşdyrmak işleri 2016-2021-nji ýyllarda BMG-niň we Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň bilelikdäki halkara taslamasynyň çäklerinde synag işleri edildi. S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen Oba hojalyk uniwersitetiniň we Türkmen Oba hojalyk institutynyň mugallymlary we talyplary, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullygy akademiýasynyň mugallymlarynyň gatnaşmagynda Suwarymly ýerleriň monitiringi, Hojalyklarda suw mukdaryny ölçemek, Suw ulanyş meýilnamalaryny düzmek, Suw hojalygynda ulanylýan kompýuter programmalar atly okuw maslahatlary geçirildi.

Halkara tejribäniň esasynda işlenip düzülen bu Okuw meýilnamasy Türkmenistanda SSTU-nyň oňaýly kanunçylyk we guramaçylyk şertlerini döretmek hem-de onuň häzirki zaman gurallaryny ösdürmek boýunça ileri tutulýan toplumlaýyn çareleri kesgitleýär.

Türkmenistanda SSTU boýunça hunärmenleri taýýarlamak wajyp işleriň biri bolup durýar, sebäbi häzirki pursatda olaryň ýoklugy öňde goýulan strategiýa maksatlara we çözmeli meselelere ýetmege bökdençlik döredýär.

Okuw meýilnamanyň esasy ugurlarynyň biri hünärmenleri taýýarlamak, olaryň hünär derejelerini ýokarlandyrmak we kämilleşdirmek bolup durýär.

Geljekgi hünärmenler tebigat-jemgyýet-ynsan ulgamynyň disbalanslaryny ýeňip geçmek üçin netijeli dolandyrmakda oz bilimlerini, ussatlyklaryny we başarjaňlygy ulanyp bilmeli.

Biziň ýurdumyz durnukly ösüşi üpjün etmek üçin halkara gemgyýetçilik bilen bir hatarda hereket edýär. BMG-niň Durnukly ösüş Maksatnamasyny amala aşyrmak işleri Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň

Maksatnamasy esasynda alnyp barylýar. Bu resminamalarda Suw serişdelerini toplumlaýyn ulanmaga geçmek işleri ileri tutulýan ugur hökmünde kesgitlenen.

Suw serişdeleri boýunça Okuw meýilnamasy “Howanyň üýtgemegi bilen baglylykda Türkmenistanyň guraksy sebitlerinde oba hojalygy bilen meşgurlaşýan ilatyň durmuş-ykdysady taýdan durnuklylygyny üpjün etmek” atly taslamanyň hemaýaty hem-de Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullygy akademiýasynyň mugallymlarynyň gatnaşmagy esasynda taýýarlandy.

Suw serişdeleri boýunça Okuw meýilnamasy “Suw-Energiýa-Azyk-Ekoulgamlar” arabaglanyşygyny hasaba almak bilen bilim we okuw meýilnamalaryny güýçlendirmek maksady bilen taýýarlandy.

**Okuw meýilnamanyň esasy maksady.** Suw serişdelerini boýunça okuwuň “Suw-Energiýa-Azyk we Ekoulgamlar” arabaglanyşygyklaryny hasaba almak bilen bilim we okuw meýilnamalaryny güýçlendirmek. Diňleýjileri we talyplary Suw serişdelerini toplumlaýyn dolandyrmak ugury bilen tanyşdyrmak, şeýle hem suw serişdelerini goramak we netijeli ulanmak boýunça dolandyrmak işlerini alyp barmagy başarýan hünärmenleri taýýarlamak.

**Okuw meýilnamanyň esasy meseleleri.** Dünýäniň, sebitiň we ýerli suw gorlary, olary ulanmakda geljekgi we häzirki döwürde duran meseleleri bilen diňleýjileri tanyşdyrmak okuw iş meýilnamasynyň meselesi bolup durýär. Ilatyň durmuş-ykdysady ösüşinde suwuň ähmiýeti görkezmek. Suw serişdelerini ulanmak boýunça dürli sarp edijileriň we ulanyjylaryň aýratynlyklaryny bilen tanyşdyrmak: jemagat hojalygy, senagat, oba hojalygy, energetika we gidroenergetika, balykçylyk hojalygy, rekreasiýa. Suw serişdelerini bir bitewileşdirip (integrirlenen, toplumlaýyn) dolandyrmagyň (SSBD) esasy ugurlary, dünýä tejribeleri we amaly işlerde ulanylyşy bilen tanyşdyrmak. Şeýle hem, okuw iş meýilnamasynyň meselesi bolup, serhetara suw serişdelerini bilelikde ulanmagy sazlamak boýunça Dünýäniň we Merkezi Aziýanyň halkara kanunçylyk esaslary bilen diňleýjileri tanyşdyrmak bolup durýar. Suw serişdeleriniň deňagramlylygyny, olaryň görnüşleri, dolandyrmak ugurlary barada düşünje bermek we suw serişdeleriniň deňagramlylygyny üpjün etmekde Türkmenistanyň strategiýa maksatlaryny we meselelerini görkezmek.

Suw serişdeleri boýunça Türkmenistanyň milli maksatnamalary we olaryň halk hojalygy üçin ähmiýeti bilen tanyşdyrmak (Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň bölegi bolan Türkmenistanyň Oba hojalyk toplumyny ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin maksatnamasy we suw hojalygy boýunça meýilnamasy. «Altyn asyr» Türkmen kölüniň sebitini 2019–2025-nji ýyllarda özleşdirmegiň konsepsiýasy we geçirilmeli çäreleriň meýilnamasy).

Türkmenistanda suw gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanunçylyk esaslary we Türkmenistanyň Suw kodeksiniň mazmuny hem-de ýörelgeleri bilen tanyşdyrmak. Häzirki döwrüň dünýä ylmynyň we tehnologiýalarynyň ösüşini nazara almak bilen, suw serişdelerini hem-de suw obýektleriniň ulgamlaryny netijeli ulanylmagyny ýokarlandyrmakda ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet şeýle hem, öz-özüni dolandyryş edaralarynyň orny görkezmek.

Ekologiýa howpsyzlygy we suw obýektlerini hapalamakdan, zibillenmekden we egsilmekden goramak babatda meselelerde durup geçmek. Suw serişdelerini bir bitewileşdirip (integrirlenen, toplumlaýyn) dolandyrmagyň (SSBD) ugurlary we “suw-energetika-azyk-ekoulgamlar” atly Neksus ýörelgesi bolen tanyşdyrmak.

Suw serişdelerini boýunça okuw meýilnamasyna laýyklykda doly okap tamamlan diňleýjiler we talyplar aşakda bellenenleri bilmeli we başarmaly.

1. Sebitiň we ýerli suw gorlary barada bilimi bolmaly.
2. Suw serişdelerini sarp edijileri hem-de peýdalanyjylary saýgarmak başarmaly.
3. Suw serişdelerini dürli sarp edijileriniň hem-de peýdalanyjylarynyň ulanyş aýratynlyklaryny bilmeli: jemagat hojalygy, senagat, oba hojalygy, energetika we gidroenergetika, balykçylyk hojalygy, rekreasiýa.
4. Derýa sebitiniň suw hojalyk deňagramlylygyny düzmek we ony sazlamagy başarmak dolandyrmak ugurlary barada.
5. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň bölegi bolan Türkmenistanyň Oba hojalyk toplumyny ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin maksatnamasy we suw hojalygy boýunça meýilnamasyny, «Altyn asyr» Türkmen kölüniň sebitini 2019–2025-nji ýyllarda

özleşdirmegiň konsepsiýasy we geçirilmeli çäreleriň meýilnamasynyň mazmunyny bilmeli.

6. Türkmenistanda suw serişdelerini dolandyrmak we goramak babatynda ygtyýarlandyrylan edaralary, olaryň ýerine ýetirýän wezipelerini bilmeli.
7. Türkmenistanyň Suw kodeksine laýyklykda suw ulanyjylaryň hukuklaryny we borçlaryny bilmeli.
8. Türkmenistanyň suw hojalyk we gidrotehniki desgalarynyň ulanyş işlerini hem-de dolandyryşyny amala aşyrýan ýerli şeýle hem, sebitleýin guramalary bilmeli.
9. Suw serişdelerini bir bitewileşdirip (integrirlenen, toplumlaýyn) dolandyrmagyň (SSBD) esasy ugurlaryny, ýörelgelerini we maksadyny bilmeli. Sebitleýin geňeşler barada, olaryň niýetlenişi we suw serişdelerini ulanmakda hem-de goramakda karar kabul edilende wezipesi barada düşünje bolmaly.
10. SSBD–iň Türkmenistanda ornaşdyrylmagy üçin kanunçylyk esaslary bilmeli.

**Okuw işleriniň görnüşleri.** Suw serişdelerini boýunça okuwuň meýilnamasynda umumy okuwlar, amaly sapaklar, özbaşdak işler we testleri geçirmek.

Testleri geçirmek üçin her diňleýji üçin 2-3 test taýýarlanyp, her amaly sapaklardan soň test barlaglary geçirilýär. Her bir testde sorag goýlan we soraga birnäçe jogaplar berlen 1), 2), 3). Testlere jogap berýän diňleýji dogry jogaply bellemeli. Jogaplaryň dogrydygyny bilmek üçin testler bilen bilelikde dogry jogaplar hem mugallym üçin bellenip berilýär. Diňleýjiniň her bir dogry jogaba 1 ball berilýär. Testlere dogry jogap berlen bolsa diňleýji iň ýokary ball, nädogry jagapda bolsa 0 ball gazanýar. Şonuň bilen diňleýjileriň arasynda bäsleşik gurnamak we iň köp ball alany ýa-da alanlary ýeňiji edip kesgitläp bolar. Testleri geçirmek üçin 5-10 minut ýeterlik.

## II. DERSIŇ MAZMUNY

### 1. Okuw dersine giriş

Milli Liderimiz Hormatly Arkadagymyz G.Berdimuhamedowyň “Paýhas çeşmesi” atly kitabynda görkezýän çuň manyly sözler hem-de nakyllar. “Suw serişdeleri” dersiň temalary, maksady we mazmuny.

Türkmenistany durnukly ösdürmek maksady bilen daşky gurşawyň howpsyzlygyny üpjün etmekde, suw serişdelerini netijeli ulanmakda we suw serişdelerini toplumlaýyn dolandyrmakda häzirki döwuriň hünärmenleriniň orny. “Suw serişdeleri” dersiň gurluşy we guramaçylygy. Esasy okuw-usuly edebiýat çeşmeleri.

Aşakda Suw gorlary boýunça umumy we amaly sapaklarynyň meýilnamasy, temalaryň atlary hem-de olarda garalýan soraglar beýan edilýär.

**Umumy okuwlaryň geçirilmegi** diňleýjilere suw serişdeleri, olaryň meseleleri, suw serişdelerini toplumlaýyn dolandyrmagyň we gorap saklamagyň usullary hem-de çemeleşmeleri, şeýle hem kanunçylyk esaslary barada giňişleýin maglumatlary bermekden ybarat bolýar. Umumy okuwlar düzgüne laýyklykda amaly sapaklardan 2-3 sapak öň berlip başlanýar.

**1-nji umumy okuwuň temasy: “**Suw - tebigy ýaşaýşyň we ilatyň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy”. Umumy okuw 2 sagada meýilleşdirilen. Umumy okuwuň mazmunynda Ýer ýüzüniň suw serişdeleri, olaryň paýlanylyşy baradaky hem-de suw tebigy ýaşaýşyň we ilatyň durmuş-ykdysady ösüşiniň esaslaryny görkezýän maglumatlar berilýär. Suw serişdelerini sarp edijiler we ulanyjylar hem-de Türkmenistanyň suw gorlary we olaryň ulanylyşy barada maglumatlar beýan edilýär.

**2-nji umumy okuwuň temasy:** «Suw serişdelerini bir bitewileşdirip (integrirlenen, toplumlaýyn) dolandyrmagyň (SSBD) ugurlary: dünýä tejribeleri we amalyýeti». Umumy okuw 2 sagada meýilleşdirilen. Umumy okuwda Türkmenistanda Suw serişdelerini bitewileşdirip toplumlaýyn dolandyrmak (SSBD) ýörelgelerini peýdalanmak üçin kanunçylyk esaslary barada magluatlar berilýär. Suw serişdelerini bitewileşdirip dolandyrmak barada düşünje şeýle hem bu ugurda dünýä tejribeleri barada maglumatlar berilýär. Suw serişdelerini bitewileşdirip toplumlaýyn dolandyrmakda Sebitleýin Geňeşleriň orny we olaryň wezipeleri barada maglumatlar beýan dilýär.

**3-nji umumy okuwuň temasy:** «Dünýäniň we Merkezi Aziýanyň suw serişdelerini ulanmagy sazlamak babatynda halkara kanunçylyk esaslary». Umumy okuw 2 sagada meýilleşdirilen. Suw serişdeleriniň ulanylyşyny sazlamak babatynda halkara kanunçylyk esaslary hökmünde hereket edýän “Serhetüsti suw akarlaryny we halkara kölleri goramak we

peýdalanmak konwensiýasy” barada malumatlar berilýär. Türkmenistan Konwensiýa 2012-nji ýylyň 4-nji awgustynda goşuldy. Umumy okuwda Döwletara derýalaryň suw serişdelerinden peýdalanmak babatynda Türkmenistanyň köp taraplaýyn we iki taraplaýyn şertnamalary bilen tanyşdyrylýar. Bu şertnamalar Merkezi Aziýanyň döwletara derýalarynyň suw serişdeleri ulanmak boýunça halkara kanunçylyk esaslary hökmünde hyzmat edýär.

**4-nji umumy okuwuň temasy:** «Ýurduň suw serişdeleriniň deňagramlylygyny üpjün etmekde Türkmenistanyň strategiýa maksatlary we meseleleri». Umumy okuw 2 sagada meýilleşdirilen. Umumy okuwda suw serişdeleriniň deňagramlylygyny, olaryň görnüşleri, dolandyrmak ugurlary barada giňişein beýan edilýär. Şeýle hem. Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň milli strategiýasy bellenip geçilýär we Ýurduň suw serişdeleriniň deňagramlylygyny üpjün etmekde Türkmenistanyň strategiýa maksatlary we meseleleri beýan edilýär. Bu Stranegiýada suw hojalyk pudagynda geljek ýyllarda geçirilmegi bellenen ileri tutulýan ugurlar barada hem maglunat berilýär.

**5-nji umumy okuwuň temasy:** «Suw hojalygy boýunça milli maksatnamalar we olaryň halk hojalygy üçin ähmiýeti». Umumy okuw 2 sagada meýilleşdirilen. Umumy okuwda suw hojalygy babatynda Milli maksatnamalarynyň halk hojalygynda ähmiýetini bellemek bilen, maksatnamalaryň taýýarlanyş usullary barada maglumat berilýär. Şeýle hem, Türkmenistanyň strategiýa maksatlary we meseleleri Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň bölegi bolan Türkmenistanyň Oba hojalyk toplumyny ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin maksatnamasy we suw hojalygy boýunça meýilnamasy esasynda amala aşyrylýandygy barada beýan edilýär. «Altyn asyr» Türkmen kölüniň sebitini 2019–2025-nji ýyllarda özleşdirmegiň konsepsiýasy we geçirilmeli çäreleriň meýilnamasy.

**6-njy umumy okuwuň temasy:** «Suw gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanunçylyk esaslary». Umumy okuw 2 sagada meýilleşdirilen. Türkmenistanyň suw kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we Türkmenistanyň Suw kodeksinden, “Meliorasiýa hakynda” Türkmenistanyň Kanunyndan hem-de suw gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan durýandygy barada maglumat berilýär. Türkmenistanyň Suw kodeksi we mazmuny beýan edilýär. Türkmenistanyň Suw kodeksine laýyklykda, suwlary peýdalanmak we

goramak babatda döwlet dolandyryşy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, suwlary peýdalanmak we goramak babatda ygtyýarlandyrylan döwlet edaralary, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary tarapyndan amala aşyrylýandygy we olaryň wezipe borçlary barada maglumat berilýär.

**7-nji umumy okuwuň temasy:** «Häzirki döwrüň dünýä ylmynyň we tehnologiýalarynyň ösüşini nazara almak bilen, suw serişdelerini hem-de suw obýektleriniň ulgamlaryny netijeli ulanylmagyny ýokarlandyrmakda ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet şeýle hem öz-özüni dolandyryş edaralarynyň orny. Umumy okuw 1 sagada meýilleşdirilen. Umumy okuwda diňleýjilere ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet hem-de öz-özüni dolandyryş edaralarynyň Türkmenistanyň Suw kodeksine laýyklykda berlen ygtyýarlylygy bellenip geçilýär..

**8-nji umumy okuwuň temasy:** «Suwy tygşytly ulanmaklygy höweslendirmek. Suwdan tölegli peýdalanmak». Umumy okuw 1 sagada meýilleşdirilen. Suw serişdelerininiň defisitiniň duýulýan döwri suwy tygşytly ulanmagy höweslendirmek boýunça çäreleriň geçirilmegi wajyp bolup durýar. Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň Milli strategiýasynda suwy tygşytly ulanmagy höweslendirmek, suw hojalygynyň howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak babatynda esasy meseleleriniň biri hökmünde garalýar. Umumy okuwda diňleýjilere suw serişdelerini tygşytly ulanmak üçin suw ulanyjylary ykdysady tarapdan höweslendirmegiň görnüşleri we ugurlary barada maglumat berilýär. Şeýle hem, Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komiteti tarapyndan her ýylda düzülip tassyklanýan hem-de Türkmenistanyň Maliýe we ykdysady ministrligi bilen ylalaşylýan ähli suw ulanyjylary üçin oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek maksady bilen oba hojalyk ekinleriniň suwaryş kadalary, hojalykara suwaryş ulgamynyň ulanylyşynda edilýän hyzmatlarynyň harajatlary we tölegleri barada maglumatlar berilýär.

**9-njy umumy okuwuň temasy:** «Ekologiýa howpsyzlygy we suw obýektlerini hapalamakdan, zibillenmekden we egsilmekden goramak». Umumy okuw 2 sagada meýilleşdirilen. Umumy okuwda diňleýjilere tebigatda suw çeşmeleriniň häzirki wagtdaky ýagdaýy we hapalanan suwlarynyň meseleleri, şeýle hem suwuň esasy hil görkezijileri barada maglumatlar berilýär. Suwuň hapalanmasynyň görnüşleri bellenip, hapalanan suwlary arassasamak usullary hem-de lagym we şor suw akabalarynyň suwlaryny gaýtadan ikilenç ulanmak ugurlary beýan edilýär. Tebigatda suwuň arassalanyş kanuny, ekologiýa howpsyzlygy we suw

obýektlerini hapalamakdan, zibillenmekden we egsilmekden goramak usullary barada maglumat berilýär.

**10-njy umumy okuwuň temasy:** Suw serişdelerini bir bitewileşdirip (integrirlenen, toplumlaýyn) dolandyrmagyň (SSBD) we Neksus “suw-energetika-azyk-ekoulgamlar” ugurlary. Umumy okuw 2 sagada meýilleşdirilen. Umumy okuwda “Suw serişdelerini toplumlaýyn dolandyrmagyň” we Neksus “suw-energetika-azyk-ekoulgamlar” ugurlarynyň esasy maksatlary, şeýle hem bu çemeleşme ugurlaryny Türkmenistanda ornaşdyrmak üçin kanunçylyk esaslary barada maglumatlar berilýär.

# III. AMALY SAPAKLARYŇ SANAWY

**Amaly sapaklar** diňleýjileriň umumy okuwlarda suw serişdeleri, olaryň meseleleri, suw serişdelerini dolandyrmakda we goramakda, şeýle hem halkara tejribelerini hasaba alyp, suw babatynda gatnaşyklarynyň kanunçylyk esaslary boýunça alnan bilimlerini berkitmek üçin niýetlenen. Amaly sapaklary adaty umumy okuwlaryň 2-3 temalary geçirilenden soň geçirlip başlanýar.

Diňleýjiler tarapyndan özleşdirlen materiallary barlamak we testleri geçirmek üçin soraglar we olara berilmeli dogry jogaplar her amaly sapaklarynyň tekstiniň ahyrynda, bellenen edebiýatlardan soň berilýär. Sapagyň soňunda diňleýjileriň özleşdiren bilimlerini barlamak üçin test geçirilýär.

**Birinji amaly sapak** 2 sagada meýilleşdirilip, Türkmenistanyň suw serişdelerine we olaryň dürli pudaklarda (şäherleriň we oba ilatynyň suw üpjünçiliginde, oba hojalygynda, senagatda we başga pudaklarda) ulanylyşyna bagyşlanan. Türkmenistanyň ýerüsti we ýerasty suwlary hem-de ýurduň suw balansynda derýalaryň berýän suw paýlary barada maglumatlar berlen. Suw serişdelerini sarp edijiler we ulanyjylar barada düşünjeler berilýär. Sapagyň soňunda diňleýjileriň özleşdiren bilimlerini barlamak üçin test geçirilýär.

**Ikinji amaly sapak** 2 sagada meýilleşdirilip, ykdysadyýetiň pudaklarynyň suwa bolan talaplaryna bagyşlanýar. Sapagyň dowamynda diňleýjiler jemagat hojalygynyň we senagat pudaklarynyň suw mukdaryna

hem-de hiline bolan talaplary bilen tanyşyp, bu pudaklaryň sarp edýän suw mukdarlarynyň hasabyny çykarmany öwrenýärler. Sapagyň soňunda diňleýjileriň özleşdiren bilimlerini barlamak üçin test geçirilýär.

**Üçinji amaly sapak** 2 sagada meýilleşdirilip, köp mukdarda suw serişdelerini ulanýan esasy Oba hojalyk pudagyna bagyşlanýar. Amaly sapagyň dowamynda diňleýjilere oba hojalyk ekinleriň suw kadalary, suwuň ekin meýdanlaryna çenli ýetirmekde suwaryş ulgamlardaky suw ýitgileri, şeýle hem oba hojalyk ekinleriň bellibir meýdanyny suw bilen üpjün etmek üçin gerek bolan suw mukdarynyň hasaplamalaryny geçirmek usuly boýunça maglumat berilýär. Täze suw tygşytlaýjy suwaryş tehnologiýalar bilen tanyşlyk geçirilýär. Bu pudakda sarp edilýän suwuň mukdaryny kesgitlemäni berkitmek üçin diňleýjilere (ekiniň görnüşini we tutýam meýdanyny, suwaryş ulgamynyň görnüşini berip) öý işini hem berip bolar. . Sapagyň soňunda diňleýjileriň özleşdiren bilimlerini barlamak üçin test geçirilýär.

**Dördünji amaly sapak** 2 sagada meýilleşdirilip, “Suw serişdelerini toplumlaýyn dolandyrmak” ýörelgesine bagyşlanýar. Amaly sapagyň dowamynda diňleýjiler “Suw serişdelerini toplumlaýyn dolandyrmak” ýörelgeleriniň kanunçylyk esaslaryny öwrenip, başga daşary ýurtlaryň tejribesi bilen tanyşýarlar. Sapagyň soňunda diňleýjileriň özleşdiren bilimlerini barlamak üçin test geçirilýär.

**Bäşinji amaly sapak** 2 sagada meýilleşdirilip, suw serişdelerini ulanmagy sazlamak babatynda halkara kanunçylyk esaslaryna bagyşlanýar. Amaly sapagyň dowamynda diňleýjiler suw serişdeleriniň ulanylyşyny sazlamak babatynda halkara kanunçylyk esaslary bolup hyzmat edýän “Serhetüsti suw akarlaryny we halkara kölleri goramak we peýdalanmak konwensiýasy” bilen tanyşdyrylýar. Türkmenistan Konwensiýa 2012-nji ýylyň 4-nji awgustynda goşuldy. Şeýle hem, Merkezi Aziýada halkara kanunçylyk esaslary bolup hyzmat edýän döwletara derýalaryň suw serişdelerinden peýdalanmak babatynda Türkmenistanyň köp taraplaýyn we iki taraplaýyn şertnamalary barada maglumat berilýär. Sapagyň soňunda diňleýjileriň özleşdiren bilimlerini barlamak üçin test geçirilýär.

**Altynjy amaly sapak** 2 sagada meýilleşdirilip, onda suw hojalygy boýunça Milli maksatnamalar we olaryň halk hojalygy üçin ähmiýeti berilýär. Bu sapagyň dowamynda diňleýjiler Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy we Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň bölegi bolan Türkmenistanyň Oba hojalyk toplumyny ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin maksatnamasy we suw hojalygy boýunça meýilnamasy, şeýle hem «Altyn asyr» Türkmen kölüniň sebitini 2019–2025-nji ýyllarda özleşdirmegiň konsepsiýasy we geçirilmeli çäreleriň meýilnamasy bilen tanyşdyrylýar. Sapagyň soňunda diňleýjileriň özleşdiren bilimlerini barlamak üçin test geçirilýär.

**Ýedinji amaly sapak** 2 sagada meýilleşdirilip, onda suw gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanunçylyk esaslary öwrenilýär. Bu sapagyň dowamynda diňleýjiler kanunçylyk esaslary bolan Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, Türkmenistanyň Suw kodeksinde, “Meliorasiýa hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda suw serişdeleri we suw serişdelerini goramak bilen bagly maddalar öwrenilýär. Suw serişdelerini dolandyrýan we ulanmak hem-de goramak bilen bagly işleri ýerine ýetirýän, şeýle hem Türkmenistanyň Suw kodeksinde bellenen (Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň, ygtyýarlandyrylan döwlet guramalarynyň) wezipeleri barada maglumatlar öwrenilýär. Sapagyň soňunda diňleýjileriň özleşdiren bilimlerini barlamak üçin test geçirilýär.

**Sekizinji amaly sapak** 2 sagada meýilleşdirilip, onda suw serişdelerini hem-de suw obýektleriniň ulgamlaryny netijeli ulanylmagynda ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet hem-de öz-özüni dolandyryş edaralarynyň orny seredilip geçilýär. Bu sapagyň dowamynda diňleýjiler Türkmenistanyň suw kodeksinde laýyklykda bellenen ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet hem-de öz-özüni dolandyryş edaralarynyň orny bilen tanyşdyrylýar. Sapagyň soňunda diňleýjileriň özleşdiren bilimlerini barlamak üçin test geçirilýär.

**Dokuzunjy amaly sapak** 2 sagada meýilleşdirilip, onda suwy tygşytly ulanmaklygy höweslendirmek we suwdan tölegli peýdalanmak meselelerine seredilip geçilýär. Bu sapagyň dowamynda diňleýjiler suwy tygşytly ulanmaklygy ykdysady tarapdan höweslendirmegiň

Türkmenistanyň suw kodeksinde bellenen esasy ugurlaryna garaýarlar. Şeýle hem, Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komiteti tarapyndan her ýylda düzülip tassyklanýan hem-de Türkmenistanyň Maliýe we ykdysady ministrligi bilen ylalaşylýan ähli suw ulanyjylary üçin oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek maksady bilen oba hojalyk ekinleriniň suwaryş kadalary, hojalykara suwaryş ulgamynyň ulanylyşynda edilýän hyzmatlarynyň harajatlary we tölegleri barada maglumatlar bilen tanyşýarlar. Sapagyň soňunda diňleýjileriň özleşdiren bilimlerini barlamak üçin test geçirilýär.

## IV. DIŇLEÝJILERIŇ WE TALYPLARYŇ ÖZBAŞDAK IŞLERI

Barlag we özbaşdak işler diňleýjileriň we talyplaryň özbaşdak işlerere ukyplylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen berilýär. Özbaşdak işleri ýerine ýetirilende Suw serişdeleri dersiniň testlerinde bellenen soraglar ulanylýar. Diňleýjileriň we talyplaryň özbaşdak işleriniň göwrümi 10-12 sahypa bolmaly.

Özbaşdak işleriň mysaly temalary:

1. Dünýäde süýji suwuň ulanylyşy.
2. Suw serişdelerini sarp edijiler we ulanyjylar.
3. Türkmenistanyň Suw kodeksiniň esasy mazmuny
4. Suw serişdelerini dolandyrmak, halkara konwensiýalar we resminamalar, suw we howpsyzlyk.

## V. DERSIŇ MATERIAL-TEHNIKI ÜPJÜNÇILIGI

Multimedial proýektrleri bilen üpjün edilen okuw otagy. Suw serişdeleri boýunça Okuw meýilnamasyny özleşdirmek üçin prezentasiýalar, slaýdlar, görkezme esbaplary ulanylýar.

# VI. HÖDÜRLENÝÄN EDEBIÝAT

***Esasy edebiýat***

1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 8-nji tom. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.
2. Berdimuhamedow G. Suw – ýaşaýşyň we bolçulygyň çeşmesi. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.
3. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2022.
4. Paýhas çeşmesi. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.
5. Türkmenistanda Bilim, ylym, saglygy goraýyş, sport we arhiw ulgamlaryny ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2019.
6. Türkmenistanyň konstitusiýasy. A.: TDNG, 2020 – 64 sah. (Конституция Туркменистана в новой редакции от 14 сентября 2016 г.).
7. Türkmenistanyň Oba hojalyk toplumyny ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasy.
8. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy. – A.: TDNG, 2010.
9. Türkmenistanyň Suw kodeksi.
10. Saparow O.B., Jumadurdyýew Ö. Suw gorlaryny utgaşykly dolandyrmak. – A.: Ylym, 2005.
11. Kurtowezow G.D. Suw gorlaryny köptaraplaýyn ulanmak. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012 – 264 sah.
12. Духовный В.А., Соколов В.С., Мантритилаке Х. Интегрированное управление водными ресурсами: от теории к реальной практике. Опыт Центральной Азии/Духовный В.А., Соколов В.С., Мантритилаке Х. Под ред. А.А. Иммангазиева. – Т.: Узбекистон, 2008.
13. Santbergen L.L., Bameveld R.J. Integrated Water Management, Course Manual/Reader HWM 21306, Wageningen University, The Netherlands, 2006.

***Goşmaça edebiýat***

14. Klimatyň üýtgemeginiň meseleleri we durnukly ösüşi. – A.: 2003.
15. Сапаров У. Проблемы и перспективы ИУВР в Туркменистане.
16. Jumadurdyýew Ö. Suwarymly ýerleriň durnukly dolandyrlyşy. – A.: Ylym, 2011.
17. Jumadurdyýew Ö., Nepesow M., Geldiýew Ç. Suw – bolçulygyň çeşmesi. – A.: 2002.
18. “Meliorasiýa hakynda” Türkmenistanyň Kanuny, 2018 ý.
19. “Ýerasty baýlyklar hakynda” Türkmenistanyň Kanuny, 2014 ý.
20. “Agyz suwy hakynda” Türkmenistanyň Kanuny, 2010 ý.
21. Кепбанов Ё.А., Баллыев Б.Б. Организация управления природоохранной деятельностью в Туркменистане. Ашхабад, 2018, 167 с.
22. .Крутов А.Н. Институциональные структуры водного сектора: международная практика. Водные ресурсы Центральной Азии и их использование. Материалы научно-практической конференции, посвящённой подведению итогов объявленного ООН десятилетия «Вода для жизни», Алматы, 22-24 сентября 2016 года, книга 2, с. 312-324.

***Интернет-сайты***

23. www.turkmenistan.gov.tm
24. www.un.org/waterforlifedecade/iwrm.shtml
25. www.unmillenniumproject.org/report
26. Исаходжаев Р. Проект Smart Waters, РЭЦЦА. www.carececo.org